
MENDIM
GÜLNÄZ
NUREKOWA

**Gülnäz Nurekowa. Mendim! Goşgular**
Türkmen dilinde. 2024 ý.

Eliňizdäki kitaba Gülnäz Nurekowanyň birnäçe ýyllaryň dowamynda ýazylan dürli temalardaky goşgulary girizildi. Bu onuň ilkinji ýygyndysydyr. Bilip, bilmän göýberen gramatik we başga ýalňyşlyklar üçin ötünç soraýarys. Kitap göwnüňizden turar diýip umyt edýäris.

Taýýarlan we suratlar bilen bezän: Süleýman Tekäýew.

# SÖZBAŞY ÝERINE

Içimdäki çyrpynyşyň, goh galmagalyň jogabydy aslynda meniň köp zada dymmaklygym. Çünki özüm-özümi köşeşdirmekde, goramakda, öz soraglaryma jogap tapmakda kösenip başagaý bolýan wagtlarym juda kän. Men hakynda diňe Men we goşgularym bilýärdi, häzirem şeýle. Ýalňyzlyk bilen ýekeligiň bir-birinden tapawutlydygny men kiçi ýaşlarymda öwrendim. Bu bir maňa uly durmuş sapagydy. Aslynda ýekelikde dörän ýalňyzlygymyň duýgularyny möhürläpdim ak kagyza. Bu kitap hem şol duýgularymy men bilen deňje paýlaşan goşgularmyň jemlenmesi.

Her bir ynsan açylmadyk bir materik, öwrenilmedik ylym, goranylmaly bir barlykdyr. Islendik şahsyýete şeýle nazar garaýan adam bolsa bu agzalanlaryň has gymmatlysydyr.

Mähriban okyjy! Men hem bu kitabymda şol durýgularymy beýan etmäge çalyşdym.

**Awtor**

## GITJEK MEN

Sende dünýä geldim, ýene-de senden,
Razy bolup bu dünýäden ötjek men.
Seniň söýgüň bilen ör boýa galyp,
Mährem gujagyňa siňip gitjek men.

Seň goýnuňda garşy alyp ýazlary,
Gar sepelän ak ýoluňdan ýöresem.
Razy! Ganym daman mele toprakda,
Suwuň içen  ýandak bolup döresem.

Dury pikirlerim - ömrümi gyssap,
Sabrym, şükürlerim, göz ýaşly gussam,
Bularyň baryny eýgerip ýörün,
Barka Watan atly hossarym! Ussam!

Döneýin gülkimi ýaň beren daga,
Söýgümiň şaýady bagyňa gurban.
Synlap sende nurly günüň dogşuny,
Gezmek nesip etsin nepesim durlap.



# MENDIM!

Sowuk köçäň gyrasyndan,
Bir gyzjagaz, ýöräp baryar.
Gözi ýaşly, boýny buruk,
Baksaň kalbyň eräp barýar.

Hortap ejiz gerdenine,
Alyp ýetimlik  ýüküni.
Ýöremäni öwrenmänkä,
Ylgap öwrenen ekeni.

Bir gyzjagaz ýöräp baryar,
Gözi yaşly, boýny buruk.
Gülüp geçýär oňa her kim,
Kä säginip, käte durup.

Aýazda üşän elleri,
Ysanogam titräp-titräp.
Ony dünýä öwrenýärkä,
Ol ýazdy dünýäden kitap.

Indi  bolsa şol köçeden,
Gyzjagaz däl, bir gyz baryar.
Ýykylyp täzeden galyp,
Aglan  ýerlerin yzlaýar.

Bu gün onuň gözlerinde,
Gözýaşdan galmandyr nyşan.
Aýazly gelse-de gyşy,
Elleri titränok üşäp.

# MENDIM!

GÜLNÄZ NUREKOWA

Ine indem şol ellerde,
Ýazyp otyr goşgy bendin.
Çünki aglan, boýny buruk,
Şol gyzjagaz Mendim! Mendim!



ÇAGALYK

Juda hezil eken çagalygymyz,
Obamyz, ir säher sygyrlar molap.
Howlyň içindäki agyllarda-da,
Durandyr ak-gara goýunlar mäläp.

Iki ýana ýöräp ak saçly enem,
Iş etýär, kyrk günlik täze gelin deý.
Maşgalan keşigi süňňüne siňen,
Sygyr sagýar, köne bedre elinde.

Süýt içersiň gyzgyn-gyzgyn ogurtlap,
Bererler gaýmagy käsäňe salyp.
Seslener ir säher oýanan atam,
Teläre söýelen hasasyn alyp.

Bäşlikçimi? Ýa ikilik alýaňmy?!
Sorag bermek endigidi atamyň.
(Jaýy jennet bolsun! Şu ýaşyma çen,
Öwütleri öňün alýar hatamyň!)

Enem pahyr zähmetsöýer zenandy,
Gyzmady! Emma ol söýerdi içgin!
Bişmedik narlary dişläp çykardym,
Bilmeýändir öýdüp!
Günämi geçsin!

Çep gulakly pilin egnine alyp,
Daýym säher bilen gider meýdana.
Kömek edensirän bolardyk bizem,
Däneli üzüme garyp bidäne...

## GÜLNÄZ NUREKOWA

Ýere gaçan erikleri çöplärdik,
Bukulardyk arasynda baglaryň.
Ýene bir gün üzüm dalbara çykyp,
Düşüp bilmän, bir sagatlap agladym!

Wah çagalyk, nämä derkardy dalbar,
Nämäňe gerekdi ýokardan bökmek.
Nirden gelýär ol kiçijek beýniňe,
Ýatan bir öküziň guýrugyn çekmek.

Ýadymda ak haltaň iki burçundan,
Ak süzmäni sykyp çykaranymyz.
Her geçýän pursatyň hakyndan çykan,
Juda hezil eken çagalygymyz ...



## JAN EJE

Ýyly görnen ýürekler,
Gar eken-ä jan eje.
Gereklänim dereksiz,
San eken-ä jan eje.

Ýalan boldy diňlänlem,
Kän üstümden gülýänem,
Seň giň diýýän dünýäňem,
Dar eken-ä jan eje.

Dostuň satmagyn diýdiň,
Badak atmagyn diýdiň,
Körler, körleri i:dip,
Ýör eken-ä jan eje.

Şirin jany ýakmakdan,
Irdim, gyýa bakmakdan,
Danalara akmaklar,
Han eken-ä jan eje.

Aglaýanyn, gülýänin,
Bilmek çetin dünýäniň?!
Seniň söýgi diýýäniň,
Ýok eken-ä jan eje.

Ýüregim ýara, ýama,
Dişim gysmakdan ýaňa..
Saýrak dilliler ha:na...
Lal eken-ä jan eje.



## AGLASYM GELDI

Sowuk diwara ýassanyp,
Men bu gün aglasym geldi.
Göz ýaşa ezip ýassygmy,
Men bu gün aglasym geldi.

Ýüzümden ýalan gülkimi,
Aýyryp, soňky öňkümi....
Gowşadyp gatan süňkümi,
Men bu gün aglasym geldi.

Paşmadyk arzuwma garap,
Bitmedik ýaramy sarap,
Irdim gülüp, gowysyrap,
Men bu gün aglasym geldi.

Köki toprakda ýer etmän,
Ýarym boý alan derek men.
Höre  köşäňiz gerek däl!
Men bu gün aglasym geldi.



## MEŇZEŞLIK

Senem, menem ỳalňyz munda,
Ikimizem dertli, dertdeş,
Bolmasamda golaỳyňda,
Bolmalydyň golaỳymda.
Dälmidik biz juda meňzeş?

Gussaly şygrymyz bilen,
Geçmejek çygrymyz bilen.
Bir-birekden habarsyz,
Ýöreỳän ugrumyz bilen,
Meňzeşdik.

Öỳkäňe tapman tesseli,
Gussaňy goşga baglaỳaň.
Duỳgymyz ỳatyr keselli,
Meňem ỳazanlam aglaỳar.
Juda golaỳka  aramyz,
Bu daşlyk  kalbym daglaỳar.

Ỳorgan edip gijelerne,
Ýalňyzlygy ỳapyp ỳörüs.
Şygyrlaryň inçelerne,
Pikirlermiz sapyp ỳörüs.
Batyp ỳörüs soňam ine,
Aýralygyň girdabyna!
Nämä derkar munça gaỳgy
Bilbilim bol! Gir bagyma!

## MENDIM!

GÜLNÄZ NUREKOWA

Saňa söỳgim umman ýaly,
Tolkun atỳar gursagymda.
Gel, bile geçeli ỳoly,
Senem, menem ỳalňyz munda!



## BEREMOK TIMAR

Ýalňyz duýýan özümi,
Arkamda sowuk diwar.
Aýnada soluk ýüzümi,
Görýän...
Beremok timar.

Uçganakly gara gözler,
Aladadan süzülipdir.
Hyýalbent duýgularym,
Inçelmändir. Üzülipdir!

Çalyşýaryn buz dek doňan,
Ýüregimi eretmäne!
Ýaralanan arzuwlarma,
Mejalym ýok em etmäne!

Höweslerim ukuda,
Owkalap dur gözüni!
Arkamda sowuk diwar,
Ýalňyz duýýan özümi!



## SEN GEREK MAŇA

Ýetik bu dünýäniň aldawy aly,
Ak gara işilen alaja ýaly,
Geçmegimiz üçin şu agyr ýoly,
Ezizim sen gerek, sen gerek maňa!

Içim döküp aglamana, gülmäne,
Ajal gelse gözüm ýumup ölmäne,
Kemim ýapyp, artygy öwmäne,
Ezizim sen gerek, sen gerek maňa!

Egniňe baş goýup ýeňlemek üçin,
Söýgiň ölçegini deňlemek üçin,
Geçýän günlermizi eglemek üçin,
Ezizim sen gerek, sen gerek maňa!

Kyn ahyr durmuşda taýyňy tapmak,
Tapansoň ömrüni ömrüňe sapmak,
Diýsinler goý maňa: "Diwana, akmak!"
Ezizim sen gerek, sen gerek maňa!

Sensiz müň direlip ölenimden soň,
Yşgyň alawyna köýenimden soň,
Seni jandan eziz söýenimden soň,
Ezizim kim gerek? Kim gerek saňa!



## GIDEÝIN NIRÄ

Men senden aýrylyp gideýin nirä,
Sensiz miwesiz bor söýgimiň bagy
Gussa aladalam dursa-da diräp,
Ynan, meň şatlygym bir saňa bagly.

Seniň bilen bagtly duýýan özümi,
Ornaşypsyň jigerime, janyma,
Belki şonuň üçin, azaşyp däl-de,
Ýörüteläp barandyryn ýanyňa...

Sende görýän manysyny ömrümiň,
Bagty başga zatdan gözleýär il-ä....
Eýesikäň nerme, näzik göwnümiň,
Men senden aýrylyp gideýin nirä?!

Biz şahyryň jemlenmedik şygrynyň,
Bogunlary deň getirlen sözleri.
Tazygyp surnugan hyýallarymyň,
Sende tamam boldy ähli gözlegi!

Süýjäp barýar senli geçýän günlerim,
Meňzäp giç ýetişen tagamly miwä.
Özüň gidäýmeseň alyp gülberiň,
Men senden aýrylyp gideýin nirä?



## HAÇAN TOÝUŇ DIÝMÄŇ MAŇA

Ýalňyzlygmy ýaňsap, magtap,
Haçan toýuň diýmäň maňa.
Wagtyň bolanlygyn nygtap,
Haçan toýuň diymäň maňa.

Kysmatym oňlasa Takdy:r,
Gerek däl diýsemem tapdy:r,
Elimdäki zat  däl ahy:r,
Haçan toýuň diýmäň maňa.

Gabat gelmez gözýetimi,
Ýar edinsem  öňýeteni!
Çekdi:r  dünýäň ezýetini...
Haçan toýuň diýmäň maňa.

Bolmasamda knýaz, keniz,
Özümi görýän men eziz!
Garrap baramoga heniz,
Haçan toýuň diýmäň maňa.

Bagtym sapyp gözsüz iňňä,
Aglatmasyn Allam  hernä!
Sähet alsam aýtjak hemmä,
Haçan toýuň diýmäň maňa!!!



## GITMEÝÄN GEREK

Geçmişiň çolaşan ýumagyn söküp,
Henizem sen meni ýatlaýaň gerek?!
Ýalňyzkaň otagda göz ýaşyň döküp,
Armanly günlere ätleýäň gerek?!

Keşbimi küýsäňde suratym jyklap,
Kalbyňy ýalandan şatlaýaň gerek?!
Hyýalyňda ötünç sorap, gujaklap,
Söýgüde özüňi aklaýaň gerek?!

Ömrüme ýakymly ýatlama diýip,
Menli günleriňi toplaýaň gerek.
Aýralygyň otly donuny geýip,
Janyňy ataşa oklaýaň gerek.

Bir namardyň ýazgarylsa edeni,
Sessiz başyň egip haklaýaň gerek?!
Mälim saňa kimiň kimden gideni,
Öz-özüňden kine saklaýaň gerek?!

Içseňde ençeme küýzeleň suwun,
Kepän ýüregiňe ýetmeýär gerek?!
Git indi! Söýgüňi manat deý sowun,
Maňa menden geçip gitmeýän gerek!



## SÖHBET EDELI

Unudyp öýkedir  kinäniň baryn,
Eredip göwünleň doňan ak garyn,
Adyňa döneýin gel garadagym,
Ikimiz çaýlaşyp söhbet edeli!

Egseli günleriň  gussalaryny,
Sebäpsiz ýürekleň gysmalaryny,
Heý-de ýalňyzlyga gyssanylarmy?
Ikimiz çaýlaşyp söhbet edeli!

Gözlerime bakda bir zat gürrüň ber,
Bir-birini sepläp gitsin gürrüňler,
Aýralygyň öňündäki günler deý,
Ikimiz çaýlaşyp söhbet edeli!

Daýansyn ýanyňda ejizlän  göwräm,
Ýoluma çyrag biýr keşbiňi görmäm.
Karar ber dessine, irden ýa öýlän?
Ikimiz çaýlaşyp söhbet edeli!



# GÖRESIM GELÝÄR

Seniň bilen işen söýgi ýüpümiň,
Düwünlerniň baryn çözesim gelýär.
Ynan! Ähli zatdan beter men seni,
Şeýle bir şeýle bir göresim gelýär.

Sen şu wagt nirede? Näme işleýäň?
Sen hakda bar zady bilesim gelýär.
Ýekelikde aglaýanym bes maňa,
Gülemde seň bilen gülesim gelýär.

Bir pursatlyk gözleriňe seredip,
Unudasym gelýär tutuş dünýäni.
Sensizlikde öz-özümi  tanamok,
Men salgyma dönüp baryan, bilýäňmi?

Aý garaz ähli zat ýüregme düşýär,
Şatlygyn duýamok şowhunly dünýäň.
Ýalňyzlygy hemra edip oturýan,
Öz ýazan goşgyma özümi güýmäp.

Senli günlerime bir kitap ýazyp,
Tutuş başdan aýak döresim gelýär.
Ýüregimde  yşgyň guýusyn gazyp,
Men seni şu wagtam göresim gelýär!



## ŞU GÜNLER

Ýagşylykdan dür saçyp,
Ýöremogam şu günler.
Kitaplaň gatyn açyp,
Döremogam şu günler.

Edip  arzuw-hyýaly,
Kän gazandyk zyýany,
Ele  alyp  syýamy,
Ýazamogam şu günler.

Uçdy umydym galgap,
Köne ýaramy daglap,
Içim durka  gan aglap,
Gülemogam şu günler.

Degnam degipdir daşa,
Gussa çekemsoň a:şa,
Ýogsa, ýassygmy ýaşa,
Ezemogam şu günler.

Göýä akylsyz biri,
Ýaly, gezýärin ili!
Men ölümi, ýa diri?
Bilemogam şu günler.



## SEN ÝATANSYŇ

Sen ýatansyň süýji ukyň içinde,
Duýgularym bilen üstüň örteýin.
Sowuk hyýallarda üşän ýüregňe,
Ýylanary ýaly mährim elteýin.

Sen ýatansyň, ähli zatdan bihabar,
Duýýan dälsiň ýüregimiň sanjysyn.
Bileňok sen! Men ömrümiň ýaryny,
Saňa bolan çyn söýgüme harjadym!

Galan ýaryn ýalňyzlykda ötürdim,
Şatlygymdan artyk çykdy gussalam.
Diňe sensizlige tapmadym alaç,
Ykbalymyň kyn ýollaryn utsamam.

Sen ýatansyň! Nirden biljek halymy?!
Tüm gije, dar otag gowuryp barýar.
Elin bulap sary güýzüň salgymy,
Bägülli ýazlarym sowulyp barýar.

Gidip barýar bu ömrümiň kerweni,
Ertire umyt bar, güneş batansoň.
Oýalykda geçirýärkäm her güni,
Sen ukuda düýşler görüp ýatansyň.



## MEN DÄL!

Men däl!
Kalpda goýan ýaralarňy  saradym,
Sen bu gün gelseňem derdime em däl.
Keşbiň gözläp ýollaryňa garadym,
Indi göze görünmedigiň kem däl.

Ýalnyşdym men hemmä ýagşydyr öýdüp,
Soň bildim barmaklaň  barysy deň däl.
Has ajaýyp eken dünýäň aýdymy,
Senli günlerdäki ýöne bir heň däl.

Ýarym galan pikirlermi jemlärin,
Özüňe gelmeklik ynsana geň däl.
Parçalanan duýgularmy emlärin,
Ol göze görünýän ýaraly ten däl.

Miweli baglaryň saýasy yetik,
Guran  agaçlary çapanyň kem däl.
Gitmez diýenlerim gitse-de  ýitip,
Öz-özümi tapdym, men öňki Men däl!!



## GARAŞDYM

Söýgi derdi şirin jany gynanda,
Ir säherler al şapagy synlamda,
Aýly gije ýyldyzlary sanamda,
Men diňe seň, geleriňe garaşdym.

Alaçsyz galanda bu gara başym,
Seň suratyň boldy, ýalňyz syrdaşym,
Garanjaklap bu gün töwerek daşym,
Men diňe seň, geleriňe garaşdym.

Elini bulap dur şo:l täsin ýoda,
Ýör bile ýöräli säher sabada,
Söýgümizi ýakman aýralyk oda,
Men diňe seň, geleriňe garaşdym.

Kalbymda möwç urýar, yşk atly umman,
Sensizlik bu ömri dur ine dyrnap,
Eý meniň gussadan ýugrulan dünýäm,
Men diňe seň, geleriňe garaşdym.



GÜLNÄZ NUREKOWA

## KIM BOLDY

Sen gidensoň ýaşaýyşyň,
Ak garasy deň boldy.
Üýtgäp dünýä garaýyşym,
Maňa bar zat geň boldy!

Durmadym kän gürläbem,
Kemäberdi gülmämem,
Ala gohly dünýämem,
Ses sedasyz sem  boldy!

Bilmän näme aýdanym,
Nirden kemter gaýdanym?!
Söýüp diňlän aýdymym,
Bir düşnüksiz heň boldy!

Gözlerim elek-çelek,
Terse aýlanýar pelek,
Düýnki şadyýan melek,
Haly harap teň  boldy?

Diýdiň gara gözleriň,
Özgelere dözmerin...
Şol derman deý sözleriň,
Gör kimlere em boldy!

Ýakyp yşgyň kitabyn,
Syrdyň ýüzden nikabyň,
Gol tutuşan nikalyň,
Aýt kim boldy? Kim boldy?!



## JAŇ ET MAŇA

Jaň et maňa, duýaýyn  men sesini,
Owazyňda jana melhem, ýakym bar.
Ikimizem bolduk yşgyň ýesiri,
Seniň maňa jaň etmäne hakyň bar.

Sen jaň etseň tüweleý deý towlanyp,
Ýören göwnüm, rahatlanýar dessine.
Nerme näzik gussalarym sowrulyp,
Ysgynsyz bedenim gelyär essine.

Sesiň duýsam,  duman örten ýüzümem,
Sähel zatdan sebäp tapýar gülmäne.
Ara kän bir salym salma ezizim,
Garaşmany halamok men, bilýäň-ä!

Ynam kenarynda, yşgyň oduna,
Çoýunaly! Ýöne ýanan bolmaly!
"Jan" sözüni goşup meniň adyma,
Eglenmänjik jaň et maňa, bolýarmy?!



# DÜÝŞÜME GIRDIŇ

Gara gözleň güldürip,
Sen meň  düýşüme girdiň
Bir desse ak gül berip,
Sen meň  düýşüme girdiň.

Synlap ýaşyl baglary,
Ala garly daglary,
Irden säher çaglary,
Sen meň düýşüme girdiň.

Oda düşen perwana,
ýaly bakýaň herýana,
Kalbym eýläp lerzana,
Sen meň düýşüme girdiň.

Ýüzümiz tutup ýagta,
Ýöräp barýarys bagta,
Uzadyp  nika halka,
Sen meň  düýşüme girdiň.

Ýogsa ýürekler sowap,
Bes etdik söýgä togap,
Soragyma ber jogap,
Sen meň düýşüme girdiň?



## BILMEDIM

Bilmedim beýle boljagym.
Ýürek zar-zar aglaýarka,
Ýüzümiň gülüp durjagyn...
Bilmedim!
Ýol berermidim heý...
Söweşerdim, ah çekerdim!
Içimi iýýär pikirler...
Ezỳetdenem ezỳetli bu,
Bir ömür çydap çekerden!

Arzuwlarmy ỳaşatjakdym,
Jellady boldum tersine.
Söỳgim, duỳgym, umytlarmyň,
Gözüm ỳumman synlap durdym,
Diri-diri jan berşine.
Gussamy alyp gerşime!
Bulaň baryn bukup barỳan,
Sygdyryp syrly gülşüme!

Dünỳäň demir sallançagy,
Ejir berỳär batly üwräp.
Pikirlerim pytrap barýar,
Gara başym galdy güwläp....
Hernä bulaň baryn çetläp,
Ynamlarym golum çekỳär.
Süsenekläp barỳar göwräm!

Güller açmaly göwnümde,
Garlar ỳatyr gün görmedik.
Kän gynadym şirin jany,
Aỳazly günde derledip.
Bu ỳazanlam juda sessiz,
Käşgä bilsedim gürledip!

## MENDIM!

GÜLNÄZ NUREKOWA

Elewredip hyÿallarym,
Çäresizlik hala düşüp.
Ỳel ỳagmyrdan aỳanlarym,
Kalbym oỳdy, deşip-deşip.
Bu ömrüme gaỳanlarym,
Gynajagny meni üỳşüp...
Bilmedim!
Bilmedim beýle boljagym!
Ỳürek zar-zar aglayarka...
Ýüzümiň gülüp durjagyn!



## SÖÝÝÄN DIÝMEDIM

Men saňa hiç mahal "Söỳỳän" diỳmedim,
S-nyň oỳtumyna gaçarsyň öỳdüp.
Ö-den n-syna hem geçmän bilmedim,
Ý-laram ä ỳaly görünỳär göỳdük!

Aytsana bir söze nädip ỳerläỳin?
Sözlemlerden ybarat bu dünỳämiň,
Sebäpkäri özüňdigin bilỳämiň?!

Bilýäňmi şygrymyň inçeligine,
Keşbiňi taraşlap  siňdirenimi?
Ukusyz örtenen gijelerime,
Yşgym çyrag edip indirenimi?

Neneň onsaň ỳeke sözüň içine,
Sygdyraỳyn bu ullakan duỳgymy?
Seni ỳitirmekden gorkýan gaỳgymy?

Ynamym, ygrarym wepam hem andym,
Bularyň baryny kalpda güỳledim.
Seni goşgularmyň şasy kyldymda,
Men hiç mahal "Söỳỳän"diỳmedim!



## GIŇ BOLSANA ÝÜREGIM

Näme beýle howsalaly urýarsyň,
Giň bolsana, giň bolsana ýüregim!
Sähel zada kine gözläp durýarsyň,
Giň bolsana, giň bolsana ýüregim.

Hamala öň kyny görmedik ýaly,
Külterli ýollardan ýörmedik ýaly,
Entekler öçmänka ömrümiň saly,
Giň bolsana, giň bolsana ýüregim!

Süýji günleriňi örtse-de ajy,
Gussasyn ýeňeniň artykdyr pajy.
Iňňe çümen ýaly  dursa-da sanjy,
Giň bolsana, giň bolsana ýüregim!

Synlap ir säherde günüň dogşuny,
Tebigatyň gülden çemen bogşuny,
Kadasyndan üýtgetme-de urşuňy,
Giň bolsana, giň bolsana ýüregim!

Şu wagt howsalanyň derkary näme?
Durmuş agyr düşer gussasy käne!
Sebäp kän-ä şatlanmana, gülmäne,
Giň bolsana, giň bolsana ýüregim!



## GELSENE

Bu ömrüme şugla saçyp,
Gelsene.
Gussaly göwnümi açyp,
Gelsene.

Diňdir ýüregmiň gussasyn,
Sebäpsiz ýere gysmasyn,
Synan kalbymyň ussasy,
Gelsene.

Baglar pyntygyn sökmänkä,
Erikler gülün  dökmänkä,
Indi aýralyk  hökman  däl,
Gelsene.

Ýüzün alyp öýke kinäň,
Keşbiň görsün nury didäm!
Ýörüteläp, meni idäp,
Gelsene.



GÜLNÄZ NUREKOWA

## GARA GÖZ OGLAN

Eý gara göz, aý oglan,
Aldyň ýürek törümi.
Göz güldürip seretme,
Ýitirýärin özümi.

Zähmet çekýäň, der dökýäň,
Elde piliň ýer depýäň,
Göz astyndan bakan ýar,
Mende söýgi döretýäň.

Seret bu gün eken bagyň,
Alma berdi, nar berdi.
Ejeň bize haçan geler,
Durna uçdy, gaz geldi.

Bagta sary ikimiz,
Gel bileje ýörali.
Ýa sen meni söýersiň,
Ýa almarsyň özgäni.

Seret hana ak bedewiň,
Kişňäp dura howlyňda.
Menä seni görjek bolýan,
Senem bakýaň ogrynça.

Eý gara göz, aý oglan,
Aldyň ýürek törümi.
Göz güldürip seretme,
Ýitirýärin özümi.



## GEREGINDEN ARTYK GUSSA

Gereginden artyk gussa batýarsyň,
Hamana durmuşdan öýkeli diňe.
Diyip, sorag berdi köne tanyşym,
Gözümiň içine seredip  siňe..

Owurtlap sowanja gara kofýasyn,
Sözüniň  yzyny etdi ol dowam...
Ardynjyrap, gaşlaryny galdyryp,
Ýene-de ol maňa berdi bir sowal.

Goşgy ýazýamyşyň, dogrumydyr bu?
Sen nire? Şygyrýet nire diýsene?!
Diýdi-de, hahaýlap uludan güldi,
(Arman ýok, ömrümi goşgy güýmese!)

Diýdim oňa-"Ýazanlarym birigip,
Ne ajap, doň kalby eredip bilse.
Çaň basan göwüne teselli berip,
Täzeden bir umyt döredip bilse.

Gezip ýörler bet pygyllar jahanda,
Adamlaň aşyna awy gatyşyp.
Besdir maňa, ýalan şatlanma derek,
Gereginden artyk gussa batyşym!"



## ÝAR BOLAÝYN

Mähir bilen seni çoýup,
Duran tylla gün bolaýyn.
Dünýäniň şatlygyn goýup,
Ýalňyz galan tüm bolaýyn.

Aýdym aýdyp hiňleneňde,
Joşup duran saz bolaýyn.
Güýzüň güni gamlanaňda,
Göwün açýan ýaz bolaýyn.

Otagyňa gireniňde,
Bezegli surat bolaýyn.
Gapyňyzda kişňäp duran,
Owadan "Gyrat" bolaýyn.

Ýöräp gitseň giň ýodadan,
Ýerde galan yz bolaýyn.
Göwün berip çyndan söýen,
Bir mähriban gyz bolaýyn.

Gitseň ýene alyslara,
Diňe saňa zar bolaýyn.
Giň törüňi bezäp duran,
Güler ýüzli ýar bolaýyn.

Ýöne ýykma meniň raýym,
Ýöräniňde ýol bolaýyn.
Aýt şertiňi, menä taýyn
Näme diýseň şol bolaýyn.



## SEN HAKYNDA

Baş bermezek duýgularma büdüräp,
Men azaşyp ýörün sensiz şäherde.
Hernä saňa ýazýan goşgularymdan,
Aram tapýar bu ýüregim sähelçe.

Sen hakynda ýazsa kaýyl ellerim,
Sazlamogam setirlerde kapýany.
Hamana uly bir powest döretýän,
Aljyrap, ogurtlap sowan kofemi!



## SÖÝLE

Bu nasil gecedir böýle
Karanligi bana uýar.
Ah nasil bu gece böýle
Kalbimin sesin duýar.

Kara gece söýle, söýle,
Sen şahidim olmadun mu.
Aşkin şerabin icerek,
Ýar-ýar  diýe solmadum mu.

Susma lütfen eý karanlik,
Gözümiýdi rengin onun.
Sevgimizi sildi gitti,
Nasil olur şimdi sonum

Onunla ben hep birlikte,
Senin ýagmurna islandym.
Neden beni hic saýdi o,
Ama bende bir insandim.

Hic bir şeýi bilmiýormuş,
Gibi olup susma böýle.
Anliýorsun beni tek sen,
Dert ortagim söýle, söýle!!



## SEVDIGIM

Janimin ici sen benim,
Kalbime kalbin ýetmiýor.
Karanlik sensiz her günüm,
Hasret kapimdan gitmiýor.

Unutýorum kendimi,
Beni benden alsana.
Bekliýorum sevgini
Gel kapimi calsana!

Kurban olaýum boýuna,
Sözüne şeker olaýum.
Kolumu sarip koluna,
Birlikte nefes alaýim.

Lazim bana bakişin,
Özledim seni özledim.
Ýakti kavurdu ateşiň,
Gözledim seni gözledim.

Ýeter'ki bekletme beni,
Cal kapimi sevgilim!
Sende buldum aşkimi
Sensin benim sevdigim!



## DYMASYM GELDI

Men bu gün dymasym geldi,
Pikirlermiň üstün örtüp.
Men bu gün dymasym geldi,
Sesli dünýämi üýtgedip.

Bu  şäherden daşlaşyp,
Gidesim geldi uzaga.
Boýny ýogyn  häsýetimi,
Al bilen salyp duzaga.

Men bu gün dymasym geldi,
Diňläsim geldi guşlary.
Ynsy, jynsy, bagy, dagy,
Şabyrdaýan ýagyşlary..

Sessizje synlajak bu gün,
Çakybersin ýyldyrymam.
Sesleň bary siňip gitsin,
Bu ömrümiň ýyllaryna.

Şirin jany  syýa baglap,
Sözlere siňesim geldi.
Ýüregim durka gan aglap,
Men bu gün dymasym geldi!



## SEN KIM

*Maňa öwran-öwran diýdiler " Ỳigit,*
*Sen durmuşy  öwren, Sen durmuşa git.*
*Gurbannazar Ezizow*

Maňa öwran-öwran diýdiler "Sen kim?
Sen neneň, niçiksi ýaşaýaň munda?!
Bar zada özgeler etýärkä höküm,
Agyrtma başyňy, otur-da dymda!"

Maňa öwran-öwran diýdiler " Dym sen!
Özüň awy gatma iýjek aşyňa.
Her kim kaýyl munda ýumrukdan damsa,
Seret dosta-ýaryňa, garyndaşyňa...

Seret dosta-ýaryňa, garyndaşyňa,
Uly hyýallarda däl olar sen dek!
Bakmazlar dünýäge garaýyşyňa,
barybir, akylly görüner tentek!"

Menem çalyp şol köneje heňimi,
Tanajak bolýaryn aslynda men kim!
Artygymy bukup, buşlap kemimi,
Maňa öwran-öwran diýdiler: "Sen kim!"



## ATAŇ BOLMASA

Çagalygyň çagalyga meňzemez,
Başyň sypalajak ataň bolmasa.
Egniňdäki agyr ýüküň ýeňlemez,
Başyň sypalajak ataň bolmasa.

Aňlatmasy kyn duýgy bor içiňde,
Ejiz görüp ýykjaklar bar geçeňde,
Gussaňy gizlärsiň naçar ejeňden,
Başyň sypalajak ataň bolmasa.

Ýürekden aglarsyň ýalandan gülüp,
Bir gezek ýaşarsyň, müň gezek ölüp,
Il günem halyňy soramaz gelip,
Başyň sypalajak ataň bolmasa.

Gündizlerden gijeleriň uzak bor,
Ýörän ýoluň diken, gapan, duzak bor,
Ýykylaňda mele toprak gujaklar,
Başyň sypalajak ataň bolmasa.

Köp wagtyňy ýalňyzlykda geç:irsiň,
Öz iýjegňi özüň tapyp get:irsiň,
Mert gezseňem ejizsiň sen, ejizsiň,
Başyň sypalajak ataň bolmasa.

Dünýe adalatyň ýok eken asla,
Ylgasam: "Dur" diýýäň, ýöresem"Assa!"
Seret, bu asmanam depäňden basýar,
Başyň sypalajak ataň bolmasa.



## GITJEK

Unudyp dünýäň gamyny,
Synlap säheriň daňyny,
Ýalançyň geýip hamyny,
Gitjek!
Umydym, ynamym üzüp,
Bagtymy ykbaldan süzüp,
Aklyga garany düzüp,
Gitjek!
Ýolup söýginiň gülüni,
Çekip bärden gümümi,
Iň  soňy gitýäs gömülip,
Gitjek!
Men ýalançy sizem dogry!
Barmy mundan beter urgy?!
Bolmankam  tüýkesme ogry,
Gitjek!
Geçmişiň dersini soýup,
Girewne gussamy goyup,
Ýalňyzlygyň gözün oýup,
Gitjek!
Kalbymy gorap awçydan,
Bagta dalaşgär sawçydym,
Ýok indi ýakyn saýjagym,
Gitjek!
Meňzäp otly kersene,
Düzüwi öwrüp tersine,
Öýkäniň münüp gerşine,
Gitjek!



## BU DUÝGUNY ÝENE BIRI ÝAŞAÝAR

Dymyşlygyň içinde, men soňky wagt,
Ne hä gürleýärin ne-de diňleýän.
Ähli zatlar öňden tanyş görünýär,
Ga:lyp barýar täsin zady geňlemäm...

Birde düýşde ýaly hyýalym duman,
Birde-de huşumda düňle däli men.
Hut şu wagtam gussa batyp otyryn,
Özüm undup gülüpdimem häli men.

Soňky wagt maňa bir zada bolýar,
Göýä ýüregime batyp dur diken.
Ak-garany saýgarjagam bolamok,
Durmus goýubersin goşalap ikem.

Ejizlikmi ýa-da halys irmekmi,
Diýjeklerim doňup galdy agyzda.
Bil baglamok ýakynyma ýadyma,
Bar umydym galamym hem kagyzda.

Ynamlarym geçen günleň ýagşysyn,
Kösençlikde geljegime daşaýar.
Ýöne men bilýärin menden uzakda,
Bu duýguny ýene biri ýaşaýar.



## SÖÝMEKLIGI BES EDEN GÜNÜM

Belki-de ir säher saýramaz guşlar,
Sürmeler çekilmez, daralmaz saçlar,
Garaz ähli zatlar tersine başla:r,
Seni söýmekligi bes eden günüm!

Kemär do:lan aýa deňelen görkim,
Ýitirer kaddyny kamatym, durkum,
Gözgyny halyma bakarlar her kim,
Seni söýmekligi bes eden günüm!

Giň diýýän dünýämiz gider daralyp,
Ömrüm täner ýaprak deýin saralyp,
Ýene başlar ýalňyzlygym ar alyp,
Seni söýmekligi bes eden günüm!

Ömrümi aýaman  aýazly  gyşdan,
Saňa duşmazdan öň ýaraly guşdym,
Galamym  küteler, azalar goşgym,
Seni söýmekligi bes eden günüm!

Sensizlikde dönüp guran tikene,
Meňzärin saňa däl! Akly ýitene...
Belki göwräm, dolanar ak kepene,
Seni söýmekligi bes eden günüm



## MEN GIDERIN

Men giderin, aýak yzymam galmaz,
Gidişimden kem tapylmaz asylha.
Men giderin öňküsi dek gün ýaşar,
Öňküsi deý dowam eder pasyllar.

Men giderin! Gitmek agyr gelse-de,
Döz gelerin aýralygna ykbalyň.
Küýsänimde didaryňy görmegi,
Aýap saklan suratyňy jyklaryn.

Men giderin! Gitmezlige sebäp ýok,
Okaryn, işlärin günler aýlanar.
Men gidenim bilen üýtgemez hiç zat,
Erikler saralar, süýjär almalar!

Ýöne welin men gidemsoň ezizim,
Juda agyr geler ýoklugym saňa.
Suratlarma gaýta-gaýta bakarsyň,
Goşgularmy okap ýetersiň daňa!

Men gidemsoň ünji gaplar kalbyňy,
Ýüregiňe agyr geler gitýänim.
Men bolmasam  kimler sorar halyňy,
Men gitýärin!



## SENSIZ MAŇA KYN

Maňa sensiz kyn ezizim bilýäňmi?!
Duýýaňmy dönenmi ganatsyz guşa?
Barha undup çynym bilen gülmäni,
Ýazym ornun berdi aýazly gyşa!

Parhy ýitdi geçýän sagadyň, ömrüň,
Şonsuzam kalbymyň ýetigä derdi...
Ýaňy söýüläýjek, söýäýjek dörwüm,
Ykbal aýralygyň gussasyn berdi!

Ýalançynyň, agyr ýükün ýüklenip,
Öwrendimem aglandan soň diňmäni,
Şum ykbala garşy durdym diklenip,
Ýöne sensiz kyn ezizim bilýäňmi?!

Ýoklugyňda ýaşap ýörün elbetde,
Ýylgyrýaryn, gussa batma deregem,
Ýöne, mahal-mahal gursagma sygman,
Seni sorap azar berýär ýüregim!

Ejizläýýän eken söygüsiz ynsan,
Galamym eýerdi nalyş perýadym.
Saklamadyk bolsak yşgymyz pynhan,
Wah, näler goşardym şygryma adyň!

Üns bermäli ýalançynyň oýnuna,
Ikimizem ýüregmizi diňläli!
Girip bilmen, senden özgäň goýnuna,
Maňa sensiz kyn ezizim bilýäňmi?!



## SÖÝ MENI

Söý meni! Ýürekden üzülen duýgym,
Täzeden silkinip gelsin özüne.
Seniň söýgiň ýanyp duran kalbymyň,
Söndürsin galdyrman ýeke közünem.

Söý meni! Mundan öň söýülmedik deý,
Kuwwatlansyn bu bedenim ýene-de.
Yşgyň bilen üýtget asyl durkumy,
Meňzesin ol bir ajaýyp senede.

Söý meni! Ömrüne mähir ýetmedik,
Ýüregim söýgüden paýyny alsyn.
Uçmakdan umydy kesilen göwnüm,
Seniň mähriň bilen asmana galsyn.

Söý meni! Söýüp bilýärkäň heniz,
Söýgiň özem tapdyrmaz soň belkide.
Gel ezizim elden berme pursaty,
Sen şu gün söý, ynam bolmaz ertede!



## BILÝÄŇMI!

Bilýäňmi? Men seni nähili söýýän,
Ýüregime möhür edip adyňy.
Men öňler şeýle bir gedemdim, gedem,
Ejizletýän eken söýgi adamy.

Bilýäňmi? Men seni nähili söýýän,
Söýýarin ýürekden päk duýgym bilen.
Çyn söýgümiň jadylaýjy bu güýji,
Biparh goýan däldir, ezizim senem!

Bilýäňmi? Men seni nähili söýýän,
Bu ýüregim sende, indi mende däl.
Ähli zatlar has ajaýyp görünýär,
Bu goja dünýe-de öňki dünýe däl.

Bilýäňmi? Men seni nähili söýýän,
Seniň keşbiň  tüm gijäme şem ýaly.
Dideleriň baky galsyn didämde,
Gara gözleň şirin jana em ýaly.



# TÄZE ÝYL GUTLAGY

Täze ýylam ýetip geldi dostlarym,
Gutlamaga sowgat getiriň maňa.
Sowgadyňyz ak bazarda ýok bolsun,
Tapylgysyz bolsun satyn almana.

Enäň mähri deýin ýyly söz beriň,
Şol ýylylyk gurşap alsyn dünýämi.
Gülküsin getiriň gülýänje çagaň,
Öwreneyin menem çyndan gülmäni.

Tamakyn däl sizden uly sowgada,
Şänik deý göwnüme degmesiňiz bor.
Ýoklugymda ýeriň düýbüne sokup,
Ýüzüme ýalandan öwmeseňiz bor.

Bir gujak şatlygy çemen dek bogup,
Beriň maňa, gussalarmy ýeňeýin!
Öňküje özümden sowaşyp derhal,
Bagtly günleň gujagyna siňeyin!



## BOLANOK

Nadan dosta berseň eliň,
Ile ryswa eder kemiň,
Her gyňaçly töre gelin,
Her telpekli är bolanok.

Oýan! Ynsan ogly, oýan,
Barmy munda yşkdan doýan,
Gyşyň güni parlap dogan,
Güneş, saňa ýaz bolanok.

Ýamandan ýugrulsa teýi,
Ýagşy bolmaz pikir-küýi,
Köşk bolsa-da özgäň öýi,
Külbäň deý rahat bolanok.

Geler ynsanyň söýesi,
Synmanka arzuw höwesi,
Ganat kakan gargaň sesi,
Bilbil ýaly saz bolanok.

Päliň gowa ýorsaň ýagşy,
Dogry ýoldan ýörseň ýagşy,
Ýas, toýuňa ýaran goňşy,
Il içinde kän bolanok.

Alsaň enäniň alkyşyn,
Görersiň rysgyň artyşyn,
Utsaňda urup-garpyşyp,
Hudaý bermese bolanok.



GÜLNÄZ NUREKOWA

## EJE

Aňarsyň gözde gussamy,
Gel garşymda otur eje!
Undaýyn ömrüň gyssanny,
Gujagyňda ýatyr eje!

Bilýän juda kejirdim men,
Sabryň bilen geçirdiň sen!
Ejizledim ejirlerden,
Dertlerimden gutar eje!

Biziň üçin çeken görgiň...
Adam etdi mähir, öwgiň!
Özüňden başgadan söýgi,
Gözlänimem geçir eje!

Ömrüm yşga düşäp ýörün,
Tomsuň güni üşäp ýörün,
Hyýallarda  ýaşap ýörün,
Meni düýşden oýar eje!

Dost diýenim çykyp duşman,
Baý-baý edipdim-le puşman,
Arzuwlaryň galsa paşman,
Ölümdenem beter eje!

Bir gün galjagym demden,
Bilip, gowşaýan kem-kem,
Çünki dünýäň özi menden,
Boýny ýogyn, gedem eje!



## NANY BAŞGA

Ýat ýurtlaryň baharyndan,
Watanymyň gary başga.
Özgäň dürli naharyndan,
Saçagymyň nany başga.

Mydam ýylgyryp gülýäniň,
Derdi başynda dünýäniň,
Sährada botlan düýäniň,
Owazynyň zary başga.

Bir namardyň gepin çekip,
Ýaşap bolmaz dyza çöküp,
Ýetişdirseň derler döküp,
Baglaň alma nary başga.

Döwran döner, ömür geçer,
Güýz saralar ýaprak düşer,
Balasyndan jyda düşen,
Mährem enäň ýa:sy başga.

Iki arada gep çatanyň,
Sogaby gider çotunyň,
Çöldäki, çoluk çopanyň,
Garşy alýan ýazy başga.

Gurt çagasy gurtdan öner,
Ýerde oňmaz, suwda önen,
Ýürekdeş duşmana dönen,
Dostuň hile-aly başga.

Aýazda doňsa ekiniň,
Ne peýda, güýze ýeteniň,
Enesi ölen ýetimiň,
Gözleriniň agy başga.



## SABYR ETGIN

"Sabyr etgin!" diýme eje!
Boldy besdir çekenlerim.
Gark eýledi takatymy,
Maňlaýymdan çykan derim.

Umydymy sabra baglap,
Munda sessiz durup bilmen.
Öňden kineli ýüregmi,
Bir söz bilen yryp bilmen.

"Sabyr etgin!" diýme eje!
Sabyr bilen mütdet ötmez.
Gol gowşuryp, çetde dursa,
Seň gyzyňa ömür ýetmez.

Sabyr bilen dişim gysyp,
Döken ýaşlam siňip gitdi.
Men ýagyşa ezilýänçäm,
Ol bireýýäm diňip gitdi.

Sabyr etdim ençe gezek,
Ylgamaly wagty durdym.
Gidenden soň arzuw otlym,
Başym ýaýkap, dyzym urdym.

Dünýäň özem sabyr etmän,
Elde barym aldy nije!
Boldy besdir, mejalym ýok,
"Sabyr etgin!"diýme eje!



## BIZ JUDA MEŇZEŞDIK

Ýürek törümizde söýgüni gizläp,
Diňe pynhan duýgy bilen  sözleşdik.
Gezmesek-de, bir-biregi ezizläp,
Biz juda meňzeşdik, juda meňzeşdik.

Senä a:şa gedem, şonçarak menem,
Ne-hä söýüp, nede söýlüp başardyk.
Beýle meňzeş bolmasadyk ikimiz,
Biz bireýýàm hökman habarlaşardyk.

Biz bireýýäm hökman habarlaşardyk,
Gyşy getirmezdik ömrüň ýazyna.
Gör-ä muny, şum ykbalyň özi hem,
Bizi hüwdüläpdir,  meňzeş  sazyna.

Wagtal-wagtal suratlara bakýarys,
Sorap durmasak-da ýagdaý halymyz.
Ömrümiziň  kemi artygy  bilen,
Bir almany iki bölen ýaly biz.

Berilmedik wadaň gapysyn kakyp,
Ýaýdanyp durmazdyk ondan girere.
Umyt monjygyny gezmezdik dakyp,
Meňzemedik bolsak birek-birege.

Men-ä indi aýralykdan ýadadym,
Sensiz pursatlary ütüp ýolýaryn.
Ebeteýin tapyp geçýän günleriň,
Saňa indi meňzemejek bolýaryn!!



## MEN BU DÜNÝÄ INEN BOLSAM

Men bu dünýä inen bolsam,
Boş gitmerin salgym bolup.
Ykbal atym büdrese-de,
Galaryn öz halym sorup.

Men bu dünýä inen bolsam,
Diýmek dünýe maňa mätäç.
Döretmeli, gurmaly men,
Hiç  zatdan etmän ätiýaç.

Men bu dünýä boş gelsem-de,
Dolduraryn akyl käsäm.
Munda ýetik şatlyk, gülki,
Şonçarak sogap günäsem.

Yşgyň  şerabyn  içerin,
Beýhuş borun geçip serden.
Beýiklige dyrmaşsam-da,
Aýagymy üzmen ýerden.

Men bu dünýä inen bolsam,
Diýmek, dünýe meniň enem!
Aç gujagňy bas bagryňa,
Belki gitsem hiç gelmenem!



## HABARYŇ BARMY

Bu gamgyn göwnümi öz-özüm şatlap,
Sensiz däl-de senli günlere ätläp,
Ýalňyzlykda mydam, bir seni ýatlap,
Goşgy ýazýanymdan habaryň barmy?

Seň mähriňi küýsäp ýaşlap gözümi,
Arman galmaz görsem birje ýüzüňi,
Dogry bakyp aýdan "Söýýän!" sözüňi,
Aýap ýörenimden habaryň barmy?!

Gussaň nämedigin bilmezdim asla,
Emma söýgi derdi eýledi hassa,
Ýykylan göwnüme gözläp men ussa,
Tapman gezenimden habaryň barmy?!

Gelseň ýaza döner aýazly gyşym,
Deňiz deýin daşar kalbymda yşgym,
Edil şu pursatda, ine şu goşgyň,
Saňa döräninden habaryň barmy?!

Göýä sen mydama ýanymda ýaly,
Eýýäm ýary gije, irdendi häli,
Ikimizi baglan şol täsin ýoly,
Yzlap ýörenimden habaryň barmy?!

Bir gün ykbalyma gelersiň diýip,
Ynanjyň meýini gursagma guýup,
Beren wadamyza bir özüm uýup,
Ýaşap ýörenimden habaryň barmy?!

Kejirligmi ýeňdim söýgä dyz epip,
Seniň üçiň arzuw nahalyn ekip,
Ýüregime umyt suwuny sepip,
Gezip ýörenimden habaryň barmy?!

Göz öňümden keşbiň salgym deý ýitip,
Barýarsyň. Yzyňdan bilemok ýetip,
Bu geçýän günleri yzyna itip,?!



## GÜLEÝIN BIRAZ

Ýaňlandyryp dünýäni,
Bu gün güleýin biraz.
Ýatlap öňki Gülnäzi,
Bu gün güleýin biraz.

Durmanym üçin dymman,
Galdy işlerim dynman...
Gyrylan sesim durlap,
Bu gün güleýin biraz.

Üýtgäp kaddy-kamatym,
Ýaralandy ganatym,
Aglanmaly halatym,
Bu gün güleýin biraz.

Ömrümi iýip pany,
Barýar soguryp jany,
Äwmezek çaga ýaly,
Bu gün güleýin biraz.

Dost diýip her gülene,
Sebäp tapdym gülere,
Gitsin bary gümüne,
Bu gün güleýin biraz.

Geňläbersin ýakyn-ýat,
Bolsa bolýar göwnüm şat,
Kän çekdim ahy-perýat,
Bu gün güleýin biraz.



## SEÇIP BARÝAŇ

Eý adamzat, ömrüň çäkli,
Aý-ýyllaryň geçip barýar.
Düýn çagadyň sallançakly,
Bu gün kyrkyň seçip barýaň.

Kem ýeriňi artyp, ýonup,
Ýaşabildiň uçup, gonup,
Hana indi şem deý ýanyp,
Öz-özüňi ýakyp barýaň.

Dost tutundyň kalba ýakyn,
Tanamadyň ýanyňdaky:n,
Aýrylmaklyk bolsa-da kyn,
Ýakynlaňdan geçip barýaň.

Ençelerden saýlap, seçip,
Bir ýar söýdüň jandan geçip,
Ýedi ölçäp, bir gez biçip,
Dikeniňem kesip barýaň.

Ak gar girip şamar saça,
Agtyk söýdüň gujak aça,
Duşmanlaňdan gaça-gaça,
Dostlaň göwnün ýykyp barýaň.

Durmuş gidip barýan kerwen,
Gidenden soň yza gelmez,
Emgen! Eý adamzat emgen,
Sen ajala ýetip barýaň!



# ÖMRÜME

Ýigrim dokuz ýyly ýaşan ömrümiň,
Günasinden artykmyka  sogaby?
Munyň jogabyny agtaryp ýörün,
Öz-özüme  gaýtalap bu sowaly?

Bilmen, nije göwni bilmezden ýykdym,
Bilib-ä degmedim ejiz ýürege!
Ömrüň sa:llarynda eglendim, y:kdym,
Meňzemedim  bir gayyksyz kürege.

Ýetimi göremde başyn ogşadym,
Bilýarin! Kyn onuň geçmeli ýoly.
Egnime ýüklermi alyp ýaşadym,
Şu gün şu dünýäden göçmeli ýaly.

Naçarlara el galdyran tentege,
Haýbatly daradym, gargadym, sögdüm.
Jandan geçip söýenim ýok entegä,
Ýöne söýenimde janymdan söýdüm.

Ýalňyşlarym kän bolupdy, bolaram,
Şonçaragam dogrulam bar elbetde.
Gowy günleň saňa gelmegi üçin,
Şowsuzlygyň bolýanlygam erbet däl.

Ýöne, ine ýene jogapsyz galdy,
Aklygy garadan sapladymmykam?
Ýigrim dokuz ýylda ejemiň beren,
Bir günki süýdüni hakladymmykam?



## BOLMASA

Mertler diňe mert ärlerden dörärmiş!
Namart dost arkaňdan naýza gezärmiş,
Nämä ýarar?! Ýüzi görkli bezenmiş,
Ýüreginde iman nury bolmasa?!

Toýuň ýaraşygy gyzdyr gelindir,
Çölüň ýaraşygy sazak selindir,
Awçynyň hiç zat gelmez elinden,
Ýanynda ýaragy däri bolmasa!

Gyş gelse daglaryň gary görüner,
Müňküre ak süýdem sary görüner,
Goç ýigitler kemli ýaly görüner,
Öýüniň töründe ýary bolmasa!

Gözi aç müň dürli nygmatdan doýmaz,
Ogry garrasada kärini goýmaz,
Daýhanyň der döken zähmeti oňmaz,
Gyşynyň aýazly gary bolmasa!

Ajal sorap gelmez seniň ýaşyňy,
Ýetimden, garypdan bukma aşyňy,
Ýumşajyk ýassyga goýma başyňy,
Goňşyň saçagynda nany bolmasa!

Wepaly dost ýaly bolsada syrdaş,
Oky çenäp atar ýaman garyndaş,
Bir çemçe ganymy geçewer gardaş,
Ýazan sözlerimde many bolmasa!



## BOLSUN

Ajy süýji günleriňe,
Gursagyňda şükrüň bolsun!
Garşy durjak güllelere,
Galkan ýaly pikriň bolsun!

Ýazyň gelsin güller açyp,
Gyşyňda ak garyň bolsun!
Bu ömrüňe şugla saçyp,
Biljek, söwer ýaryň bolsun!

Kyn gününde gaçany bar,
Dostlaň ara açany bar,
Onda jennet açary bor,
Ar-namysly gyzyň bolsun!

Halal gazan çörek duzuň,
Çyn zähmetiň, dogmuň bolsun!
Dowam eder ýaly  yzyň,
Bir gaýratly ogluň bolsun!

Arzuwlaň köýmesin içde
Hasyl bolsun irde giçde.
Bararyň ýaly behişde
Din, imanly kalbyň bolsun.



## ÄRDIR ÖÝDER

Ili çürkän talaňçylar,
Ogurlyk bir kärdir öýder.
Iki ýüzli ýalançylar,
Özüne mert ärdir öýder.

Her kellede akyl  bar däl,
Gyşyň güni mydam gar däl,
Miras galan bir söwdagär,
Hemmäň puly bardyr öýder.

Ýagşylygy etseň dowam,
Bolar gider işiň rowan,
Söýüp söýlen iki Juwan,
Gyşyň güni ýazdyr öýder.

Öýkünerler  gurda itler,
Siňekler bürgüt niýetlär,
Wadasyn undan ýigitler,
Özün adyl şadyr öýder.

Ýagşy niýet ýagşa ýeti:r,
Ýaman ýoldaş ömri biti:r,
Söýgä mätäç ösen ýetim,
Hemmä mähre zardyr öýder.

Halal işläp şöhrat gazan,
Kändir ataň pulna galan,
Bäş ýyl okap diplom alan,
Diplomsyzlar noldyr öýder.



## DÜNÝÄMMIKÄ ŞU?

Gussam bilen şatlygymdan ýugrulan,
Ýalana berimsiz gülmämmikä  şu?
Ýetimlikden iki egni ýygrylan,
Günlerimden geçip gelmämmikä şu?

Joşan çagym  meňzäp däli sillere,
Soňra Nile dönüp diňmämmikä şu?
Sesim goşup  parasatly illere,
Munda öz-özümi ýeňmämmikä şu?

Ýanan arzuwlarmyň gyzyl oduna,
Bagrymy oýkalap köýmämmikä şu?
Alkyş okap mährem enäň adyna,
Ony jandan eziz söýmämmikä şu?

Açyp dürli kitaplaryň gatyny,
Akyl guýusyny gazmammyka şu?
Çapyp bir ýabany ylham atyny,
Sözleň asalyny ýazmammyka şu?

Uzaklaşyp kä  oturan ornumdan,
Käte-de,  yzyma dönmämmikä şu?
Dokuz aý, dokuz gün ene garnyndan,
Çykmana gyssanan dünýämmikä şu?



## MÜŇDEN BIRI AŇLASA

Hata işläp gözüň ýaşa ezmegin,
Ejizlikdir müzzerilip gezmegin,
Hajaty ne, bu jahana gelmegiň,
Kalpda beslän arzuwlaryň oňmasa?!

Gadamyň batly ur dik tutup başyň,
Kimseden gysganma bir käse aşyň,
Belki-de terk eder, dost-ýar gardaşyň,
Alçy gopan ak aşygyň çüwmese?!

Halal zähmetiňden, iýseň nanyňy,
Azap kemär bereniňde janyňy,
Aljak bolma duşmanyňdan aryňy,
Bir gün dosta döner,  Alla oňlasa!

Sabryň soňy altyndygyn bilginiň,
Ýas ýerine aýtmasa-da gelginiň,
Bagtlydygny il bilen deň gülmegiň,
Ynsan aňmaz eken, ýalňyz galmasa!

Dana akyl satyp ýörkä tentekdir,
Dünýäň ýüki egsiläýmez entekler,
Neneň bolar ýurdy goran erkekler,
Perzentleri öz atasyn aňmasa!

Ýagşyny, ýamany saýgarmak gerek,
Utup hem utulyp aýňalmak gerek,
Adam dok tilki dek, ýaşama derek,
Ýegdir munda böri kimin uwlasa!

Gaşawuçlap sykyp ýürek, bagrymy,
Ýazdym ine, çykman çenden çygrymy,
Ençeleriň derdi siňen şygrymy...
Besdir maňa, müňde biri aňlasa



## Mazmuny

Gitjek men ........ 4
Mendim! ........ 5
Çagalyk ........ 7
Jan eje........ 9
Aglasym geldi........ 10
Meňzeşlik ........ 11
Beremok timar........ 13
Sen gerek maňa........ 14
Gideýin nirä........ 15
Haçan toýuň diýmäň maňa ........ 16
Gitmeýän gerek........ 17
Söhbet edeli........ 18
Göresim gelýär........ 19
Şu günler........ 20
Sen ýatansyň........ 21
Men däl!........ 22
Garaşdym........ 23
Kim boldy ........ 24
Jaň et maňa ........ 25
Düýşüme girdiň ........ 26
Bilmedim ........ 27
Söýýän diýmedim ........ 29
Giň bolsana ýüregim ........ 30
Gelsene ........ 31
Gara göz oglan ........ 32
Gereginde artyk gussa ........ 33
Ýar bolaýyn ........ 34
Sen hakynda ........ 35
Söýle ........ 36
Sevdigim ........ 37
Dymasym geldi ........ 38
Sen kim ........ 39

Atań bolmasa ........ 40
Gitjek ........ 41
Bu duýgyny ýene biri ýaşaýar ........ 42
Söýmekligi bes eden günüm ........ 43
Men giderin ........ 44
Sensiz maňa kyn ........ 45
Söý meni ........ 46
Bilýäňmi ........ 47
Täze ýyl gutlagy ........ 48
Bolanok ........ 49
Eje ........ 50
Nany başga ........ 51
Sabyr etgin ........ 53
Biz juda meňzeşdik ........ 54
Men bu dünýä inen bolsam ........ 55
Habaryň barmy ........ 56
Güleýin biraz........ 58
Seçip barýaň ........ 59
Ömrüme ........ 60
Bolmasa ........ 61
Bolsun ........ 62
Ärdir öýder ........ 63
Dünýämmikä şu ........ 64
Müňden biri aňlasa ........ 65